# Häli…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Häli… HÄLI…

Bu haýsy öç üçin aýdyp bolmaýar,
Gyýkmaç-gyýkmaç boldy duýgulañ beýgi.
Şaha ilen kagyz kimin galgaýar,
Ýyrtylan synamda
Ýyrtylan söýgi.

Güneş saralypdyr göwşüläp-dargap,
Süzülipdir,
Ýollañ umyt bardasy.
Tüweleý turuzýar yklyma gargap,
Agzymda ýyrtylan sözleñ ordasy.

Tijen paýhas, böwrüñ diñläp köp durma,
Bu söz giden söz däl, ýöne bir diýlip.
Sakla durmuş, sakla, meni sypdyrma,
Häli galgap durkam,
Şahañda ilip.

Kakabaý YLÝASOW. Goşgular